# Gülki äleminde

Category: Degişmeler,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Gülki äleminde GÜLKI ÄLEMINDE

Sudda bir at ogrusyny aklap goýberipdirler. Şol günüň ertesi aklanan suda gelip, şeýle diýipdir:
– Jenap sudýa, men sizden adwokatyma çäre görmegiňizi talap edýärin.
– O näme üçin? – Sudýa ör-gökden gelipdir. – Ol sizi aklap goýberdi ahyry!
– Dogry. Ýöne adwokatyma tölemäge pulum bolmansoň, ol meniň ogurlan atymy elimden aldy!

* * *

– Gyzym, seň göwreli bolanyň çynmy?
– Çyn, eje jan, düýn hut dogtoryň özi şeý diýdi.
– Onsoň, oň kakasy kim?
– Ine, şuny welin, eje jan dogtor aýtmady-da!

* * *

Agyr syrkaw ýatan biri jan edip, telewizor ussasyny çagyrypdyr. Ussa telewizory bejerip bolandan soň, nähoş ondan şeýle diýip sorapdyr:
– Näçe wagtlap işlärkä?
– Hatyrjem boluň, ýaşuly, tä ömrüňiziň ahyryna deňiç işlär.
Bir aýdan soň, ol ýene ussa çagyrmaga mejbur bolupdyr.
Ýene şol öňki ussa gelipdir.
– Ömrüňiziň ahyryna çenli saz işlär diýmediňizmi? – diýip, näsag bada-bat nägileligini bildiripdir.
– Bagyşlaň, men sizi bir ýetmezmikäňiz öýdüpdirin-dä.

* * *

– Sen Atlantik okeany göz öňüne getirip bilýäňmi?
– Dagy näme?

– Men, ynha ýüzüp, şoñ añyrsyna geçdim-dä!
– A sen Öli deñzini bilýäñmi?
– Elbetde…
– Ana, şony öldüren men-dä!

«WATAN» gazeti, 1996 ý. Degişmeler